Arkadag şäherine iş sapary wagtynda Türkmenistanyň Milli Lideri, Halk Maslahatynyň başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Akhan we Köpetdag şaýollarynyň çatrygynda saklandy.

Çatrygyň we onuň merkezindäki ýadygärligiň gurluşygy bilen tanyşan Türkmenistanyň Milli Lideri ony **Taýçanak** diýip atlandyrmagyň maksadalaýykdygyny belledi.

Bedew arzuwlaryň amala aşmagyny alamatlandyrýar, ony münen çapyksuwara ýagty ýol garaşýar.

Taýçanak ýadygärligi ussat seýis Aba Annaýew adyndaky atşynaslar obasy we 600 ahalteke bedewi üçin athana bilen sazlaşykly utgaşýar.

Taýçanak ýadygärliginiň uzakdan görünmeli we adamlara oňyn täsir galdyrmalydygyny nygtap, Gurbanguly Berdimuhamedow gurluşygyň degişli derejede alnyp barylmalydygyny belledi diýip, **TDH habar berýär.**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026